# Goşun

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Goşun GOŞUN

Goşun gan çaýkady Owganystanda,
Ilki dogry, soñ nädogry diýildi.
Milletçilik, dawa-jenjel gyssanda,
Goşun halkyñ garşysyna goýuldy.

Goşun halka bolup goraga aldy,
Düýbi çüýrän daragt kimin düzgüni.
Goşun şeýdip gözden düşmeli boldy,
Öñii abraýy ýok – güni gözgyny.

Halkyñ ynamyny ýitirdi goşun,
Harby eşiklini halamaýarlar.
Ak saçly marşallar tutýarlar başyn:
«Bulaşdyrdy syýasatçy haýýarlar…»

…Gulluga aldylar körpe inimi,
Iki ýylda ejem bir gysym boldy.
Şum habarlar düýrükdirdär iýniñi…
«Diri gelermikä?»
Teýahyr geldi.

Görgülini urupdyrlar otluda,
Çykarypdy – endam-jany gök dalak.
Ýurtda bolýan bu gabahat işlere
Ýönekeýje esger sebäpkär ýalak…

13.11.1989 ý.

Hemra ŞIROW. Goşgular